# Enäniñ nalyşy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Enäniñ nalyşy ENÄNIÑ NALYŞY

Gördüm men, ýitirip ýalñyz çynaryn,
Bir özi somalyp galyşyn enäñ.
Paralap ýedi gat topragyñ bagryn,
Asmany titredip aglaşyn enäñ.

Ajy ölüm alyp gitdi balasyn,
Hazan urdy ömrüniñ gül-lälesin.
Duman gaplap Keseýabyñ ýaýlasyn,
Nä günlere saldy çal başyn enäñ.

Eý, tebigat, howplusyñ sen, hatarsyñ,
Şum awçy sen, ýoly saklap ýatarsyñ.
Aýyt, etden ýürek neneñ götersin
Dagy tisgindiren nalyşyn enäñ.

Galan ömrüm gezerin men ýat edip,
Saçyn ýaýyp, ýürek-bagryn ot edip,
«Oglumy goýuñ» diýp, dat-perýat edip,
Gölegçiñ yzyndan ylgaşyn enäñ.

Ata KÖPEKMERGEN. Goşgular